

# Magtymguly

## — Gündogaryň beýik akyldary

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY
TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

# «MAGTYMGULY – GÜNDOGARYŇ BEÝIK AKYLDARY»

atly ylmy-amaly maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany
2024-nji ýylyň 8-nji fewraly

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

ör-boýuna galýar. Magtymguly Pyragynyň watançylyk ýörelgeleri ýaşlary her bir döwrüň, zamananyň talaplaryna laýyklykda kämillige çagyrmakda gymmatly edebi çeşme bolup hyzmat edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» goşgusyndan ugur alnyp, Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň adyny ebedileşdirmek maksady bilen, 2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip atlandyrylmagy şahyra we onuň edebi mirasynyň gymmatyna goýulýan belent sarpanyň aýdyň subutnamasydyr.

Umuman, Magtymguly Pyragynyň döredijilik dünýäsi türkmeniň milli terbiýesine mahsus bolan watansöýüjiligi, il-güne ak ýürekden gulluk etmegi, belent adamkärçiligi, ata-enä hormaty terbiýelemekde bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlykdyr.

**Gülşat ÝUSUPOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw işleri boýunça prorektory*

## «HALKYNYŇ HEM ADAMZADYŇ SADYK-SYTDYH GULUDYR, HEMIŞE WE HEMME ÝERDE ŞOL BIR MAGTYMGULUDYR»

Islendik halkyň ruhy gymmatlygy onuň edebiýatynda şöhlelenýär. Magtymguly Pyragy adamzadyň ýüzbe-ýüz bolýan durmuşy meselelerini halka düşnükli dilde çeper beýan edip, dünýä edebiýatynda öçmejek yz galdyrdy. Şahyryň goşgularynyň çeperçiligi, şahyranalygy, olarda ulaltma, metafora, çeperçilik serişdelerinden giňden peýdalanmagy, onuň ýagşylyga iterýän, parahat, asuda, agzybir durmuşa çagyrýan şygyrlarynyň dilleriň senasyna öwrülmegine sebäp bolupdy. Açyklyk, aýdyňlyk hem düşnüklilik adamyň okaýan zadyna gyzyklanmasyny artdyrýar. Bu bolsa onuň goşgularynyň höwes bilen okalmagyna sebäp bolýar. Magtymguly halky dilde eser döredipdir. Şahyr dili ösüş we göreş guraly hökmünde ulanypdyr. Çünki dil adamlaryň arasynda aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat edýär.

2024-nji ýylyň «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etmek hakynda çözgüdiň kabul edilmegi, Magtymgulynyň golýazmalar toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, beýik akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllyk baýramçylygyny ýokary derejede bellemek üçin görülýän taýýarlyk işleri şahyryň adamzadyň ösüşine goşan goşandynyň uludygyndan habar berýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow «Pähim-paýhas ummany Magtym-

guly Pyragy» goşgusynda şahyryň mertebesini has-da beýgeldýär. Häzirki wagtda şahyryň ömri-döredijiligine, edebi mirasyna uly sarpa goýulýar, onuň edebi mirasy halkymyzyň buýsanjyna öwrülýär. Beýik akyldaryň şygyrlary dünýä dillerine terjime edilýär we dünýä halklary bilen dostluk köprüsi bolup hyzmat edýär. Magtymguly Pyragy döwürleri, nesilleri birikdirmegi başaran akyldar şahyrdyr.

**Akgül KAÝUMOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty*

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIK DÜNÝÄSI

Magtymguly Pyragy halkyna örän gymmatly ruhy miras galdyran, öz halkynyň agzybir ýaşamagynyň aladasyny eden, nesillerine paýhasly maslahatlar berip, halallygy ündän şahyrdyr. Ol bu ýagty jahan, tükenmez barlyk, ömür, ýaşaýyş baradaky pikirlerini dünýäniň täsin syrlary bilen baglanyşdyrypdyr. Şeýlelikde, onuň duýgulary köpçüligiň, iliň oý-hyýallary bilen birleşýär.

Akyldar şahyryň bize miras goýan şygryýet älemine sarpa goýmaýan, goşgularyny höwes bilen okamaýan ynsan ýok bolsa gerek. Göwnüňi gubar gapladymy, danany ýatlap, onuň umman ýaly giň, dünýä ýaly uç-gyraksyz şygyrlaryny okap, özüňe syrdaş tapynýarsyň. Kalbyňa rahatlyk aralaşyp, ýüregiň kanagatlanma tapýar. Dünýäniň ähli baýlygyndan, genji-käninden ruhy baýlygy hem-de ynsan mertebesini ýokarda goýanlygy üçin, onuň dürdäne setirleri soňky nesillere gymmatly ýadygärlikdir.

Magtymguly Pyragy ýeke öz halkynyň ruhy ägirdi bolman, dünýädäki ähli ynsanlara degişli pikir-hyýallary orta atan şahyrdyr. Onuň sözleri nakyla öwrülip, türkmen paýhasyny baýlaşdyrypdyr. Şahyr şygyrlarynda halkyň dana sözleri arkaly durmuş hakykatyny çeper beýan etmegiň kämil nusgasyny döredipdir. Akyldar haýsy bir halk nakylyny ýa-da meňzetmäni alsa-da, ony öňe sürýän pikirini ýüze çykarmakda esasy çeperçilik serişdesi hökmünde ulanýar, döredijilikli ösdürýär.

«Gidiji bolma» goşgusy halk döredijiliginiň nakyl görnüşi bilen tanalmaz derejede gatyşyp gidipdir. «Görogly» eposynda Jygaly begiň agtygy Röwşene berýän nesihatyndan gözbaşly pähim-parasat Magtymguluda ussatlyk bilen dowam etdirilýär.

Şygyrlarynda ündelýän taglymy, çeperçiligi boýunça dünýä edebiýatynyň belentligine galan Magtymguly Pyragynyň milli ruha ýugrulan baý şahyrana döredijiligi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşaýan sagdyn bedenli, sagdyn ruhly ýaş nesilleriň ruhy daýanjydyr.